# Jelaleddin Türkmen ýa-da Jelaleddin Meňburny / dowamy

Category: Kitapcy,Sözler,Taryhy şahslar
написано kitapcy | 24 января, 2025
Jelaleddin Türkmen ýa-da Jelaleddin Meňburny / dowamy



- **Çingiz hanyň Horezme çozmagy: Jelaleddin Meňburny**

Soltan Muhammediň Jelaleddinden başga-da 6 sany mirasdary bardy: Kutb ed-Din Ozlag şa (1221-nji ýylda wepat bolýar), Hansoltan hatyn (Juçy hanyň aýaly, meşhur mamlýuk Seýf ed-Din Guduzyň (1259-1260-njy ýyllarda Müsüriň soltany), Kyýas ed-Din Pir şa (1220-1229-njy ýyllarda Yragyň häkimi), Ak şa (1221-nji ýylda wepat bolýar, Rukn ed-Din Gursanjy (1210-1222 ýý.), Guýmahy şa (ýaşan ýyllary takyklanmadyk), Ýahýa Hur şa (1221-nji ýylda wepat bolýar).
Bu şazadalaryň hersiniň eje ugry boýunça garyndaşlary barmak basyp sanardan köp. Dogry, olaryň aglabasy sada, öz hakyna kaýyl, ýurt-da örän aşaky derejelerdäki adamlardy. Hut şu garyndaşlar Jelal ed-Diniň daşyna jemlenip Horezimi

duşmanlardan gorapdylar! Emma, akademik W.W.Bartoldyň (1869-1930 ýý.) ýazyşy ýaly “Muhammet hökümet ulgamynyň hiç bir elementine we ilatyň hiç bir synpyna daýanyp bilmedi”. Emma, Türkan hatynyň welin tarapdarlary ýetikdi. Olar sähraýy gypjak hanlarydy. Gypjak hanlary soltan Muhammediň syýasy häkimliginiň berkleşmeginiň tarapdarlary däldi. Şunlukda ýurduň türkmen harby-çarwa barly toparyň arasynda hem bitewillik ýokdy. Türkan hatyna we gypjak begleriniň garşysyna öz umytlaryny Jelaleddine baglaýan türkmen topary garşy durupdyr.

XIII asyryň ellinji ýyllarynda Müsürde mamlýuk soltany bolan Seýf ed-Din Guduzyň asly Gürgençlidir. Bu mynasybetli orta asyr taryhçysy Al-Makryzy şeýle ýazýar: “Onuň (Guduzyň-B.A.) adynyň Mahmud ibn Mamdud bolandygyny aýdýarlar, onuň ejesi soltan Jelaleddin horezmşanynyň aýal dogany bolupdyr, kakasy bolsa soltan Jelaleddiniň kakasy boýunça daýysynyň ogly eken. Guduzy Damasakda satan tatarlar ýesir alypdyrlar, ol ýerden bolsa ony Kaire getiripdirler”.

Beýleki bir senenamaçy Al-Ýunany bolsa Seýf ed-Din Guduzyň şeýle sözlerini getirýär: “Men-Mamdudyň ogly Mahmyt. Men şol, ýagny mongollary kül-peýkun eden horezmşa daýymyň (Jelaleddiniň-B.A.) aryny alan”. Soňky maglumaty türk taryhçysy M.S.Tekindagyň bu şahsyýete bagyşlap ýazan ýörite makalasyndan aldyk. Bu ýerden meşhur serkerdäniň hem-de soltanyň hakyky ady, atasynyň ady gelip çykýar. Şunlukda ol şagyzy Hansoltanyň Osman handan soň Mamdud atly emire (haýsyda bolsa, goňşulykdaky ýurtlaryň biriniň şazadasyna) durmuşa çykanlygy, hem-de ol senäniň 1213-1219-njy ýyllar aralydygy hakynda pikir ýöretmek bolar.

XIII asyryň ilkinji onýyllyklarynda soltan Muhammet ýurduň käbir emeldarlaryny, ulamalaryny, serkerdelerini sürgün we tussag edipdi. Bu esasan-da, Bagdada şowsuz ýörişden soň amal edilipdi. Dogry, olaryň arasynda günälileri-de bardy. Döwlet emeli hatasyz bolmaýar ahyryn! Emma olaryň agramly bölegi ýurduň başyna iş düşende örän gerekdiler. Ýerleri gädilip durdy. Soltan Muhammet “sürgünçileriň” köpüsüni gypjak begleri bilen çalyşan hem bolsa işler ugrugyp gidiberenokdy. Onsaňam

gypjaklar hiç-haçan Horezeme ýürekden gulluk etmändiler. Olar ne Altyn Orda, ne-de Rus döwletine ygrarly bolup galmandylar. Hakykatyň hatyrasyna gypjak begleriniň arasynda sap niýetli, päk ýürekli serkerdeler we döwlet ýolbaşçylary hem bardy. Emma olar barmak basyp sanaýmalydy. Gypjaklar Türkmenistanyň häzirki ýerlerine oguz taýpalaryna goşulyp gelipdiler. Aşgabadyň günbataryndaky Gypjak obasy şol mert ildeşlerimiziň ýaşan mekany bolan bolmagy mümkün.

Ine, şu ýagdaýda, işler çynlakaý häsiýete eýe bolup ugranda serkerde Demir Mälik we Jelaleddin soltana sürgünden we tussaglykdan derrew boşadylmaly emeldarlaryň sanawuny berýärler. Bu işiň hötdesinden Jelaleddiniň özi hem gelip biljekdi. Emma sanawdakylaryň arasynda şazadanyň tagta çykmagy üçin bolup biläýjek köşk pitnelerine gatnaşanlar hem bardy. Şonuň üçin Jelaleddin soltandan artykmaç gyjalat eşidesi gelmeýärdi. Bu meselede Demir Mälik ýetik maslahatçydy. Ol sanawdakylaryň köpüsüne beletdi. Söweş meýdanynda synagdan geçenlerdi.

Boşadylmaga degişlileriň sanawyna gözi düşen soltan tas özünden gidipdi. Ine, onuň aýdan sözleri: “Bular, pitneçiler, olar hiç-haçan soltan üçin söweş meýdanyna çykmazlar, anuşteginler üçin gan dökmezler…”. Ol gaharyna bäs gelmän sanawy jyrram-jyrram etmäge synanyşdy. Şol pursatda Jelaleddin ömründe ilkinji gezek soltanyň goluna ýapyşyp samarkandyň kagyzyna altyn syýa bilen ýazylan sanawy garbap alyp, haşamly gaýyş tubaň içine saldy. Demir Mälik bu gelşiksiz we örän howply sahna (musulman ymmatlarynyň soltanynyň goluna ýapyşmaklyk, onuň adyny tutmaklyk  kowhada sygmajak hadysa!) tomaşa etmejek bolup sag ýeňi bilen ýüzüni örtdi.

Soltan bolsa gahar-gazaply şazadanyň hereketine jogap bermäge bogny ysmady. Jelaleddin ilkinji ýola kakasynyň mongollar tarapyndan berk gorkuzlandygyna gözi ýetdi. Çünki soltan Beýik Allanyň zemindäki wekilidi. Şonuň üçin şazada kakasynyň birjik-de mertebesini peseltmän onuň öňünde sag dyzyny epdi: “Beýik soltanym! Şu sanawdaky serkerdeler, emeldarlar we ulamalar soltan üçin gan dökmezler. Ýöne olar Watan, il-gün, toprak üçin janyny gurban ederler. Nirede soltan-şol ýerde

halk, ýurt, barysy bir göwre!”.
Jelaleddin Meňburnuň soltana kakasy hökmünde haýpy gelip oňa meşhur Mahmyt Zamahşarynyň (1074-1144 ýý.) dürdäne setirleri bilen ýüzlenipdir:

*“Erkli bolgun bir karara gelen bolsaň eger sen,*
*Sebäp öz pikiriň bolmasa, sen ejizlik eder sen”*

Muňa garamazdan “sürgünçüler” hakynda belli bir karara gelinmedi. Jelaleddin hem-de Demir Mälik hem özlerine artykmaç, ilkinji nobatda gypjaklary duşman gazanmak islemän meseläni ýagşy günlere goýdular. Ýöne, her niçik-de bolsa şazada öz erki bilen Gürgenjiň we Samarkandyň zyndanlaryndan ukyply saýylýan serkerdeleriň käbirini boşadyp, olary Demirgazyk Horasana, öz mülklerindäki galalara ugradyp, örän berk tabşyryklar berdi.
Horezm-dogry ikä bölünen bişen gyzyl alma çalym edýärdi. Almaň bir bölegini Türkan hatynyň gypjaklary hem-de onuň guýruklary (arlat, sulduz, täjik, jemşit) gemirýärdiler. Ikinji bölegi-Jelaleddiniň adyny baýdak edinýän türkmen harby-asylzada toparynyň golunda-dy.
Gürgençde esasy emelleri gypjak begleri hem-de onuň guýruklary eýeläpdirler. Bu ýakyn geljekde ýurduň bagtyny ýatyrjak iň esasy we gutarnykly sebäpleriň biri boldy. Aslynda gazaply we ýuwuz duşmanlaryň üstünden ýeňişleri gazanan soltan Muhammediň gypjak beglerine, aýratyn-da olaryň esasy daýanjy Türkan hatyna geregi ýokdy. Uzakdaky mongollar hakynda ilkinji gazaply habarlar eşidilendigine garamazdan, olar mundan beýläk ýurt-da diňe asudalyk höküm sürer öýdüp pikir ýöredýärdiler. Ilkinji maksat Jelaleddiniň ýerine Kutb ed-Din Ozlag şa mirasdar saýlanmalydy, soňra bolsa soltan fiziki taýdan ýok edilmelidi. Horezmşalar döwletiniň ygtyýary Türkan hatynyň goluna doly geçmelidi. Türkan hatyn şeýle-de, soltanyň üstünden höküm sürmän, döwürdeş senenamaçynyň sözleri bilen aýdanymyzda “maliýe serişdelerine erk edýärdi, ýokary derejeli emirlere hem-de begzadalara buýruk berip bilýärdi”. Bu ýagdaýlar kesgitli derejede ýurduň ýagdaýynyň

durnuksyzlaşdyrylmagyna getirdi.
Başda hem nygtaýşymyz ýaly Kutb ed-Din Ozlag mirasdar bellenildi. Ýöne garaşylmadyk ýagdaýlar diňe Türkan hatynyň däl, eýsem, soltan Muhammediň hem meýillerini bulaşdyrdy. Ýene bir möhüm delili bellemeklik zerur. Türkan hatyn, şol sanda soltan Muhammet mongollaryň ýörüşiniň öňisyrasynda Gürgençde zamun saklanylýan türkmen, pars we kürt begleriniň çagalaryny ýoklapdylar. Bular soltan tarapyndan basylyp alynan, zorluk we meýletinlik bilen birikdirilen ýurtlaryň hökümdarlarynyň nesilleridi.
Zamun almaklyk, ýagny “amanat” köneden gelýän döwletleriň arasyndaky diplomatiki gatnaşyklaryň bir görnüşi. Emma zamun alynan ýaşyna, jynsyna, eýeleýän wezipesine garamazdan mümkün bolan ýagdaýynda ýoklanmaýar. Ýöne XIII asyryň ýigriminji ýyllarynda ýurt-da ýagdaý diplomatiki etiketleri we harby medeniýeti tutardan geçipdi. Soltan üçin hem, Türkan hatyn üçin hem aňyrsy begzada, ýa-da gurply maşgalanyň wekili duşman hasaplanylýardy. Içaly hökmünde güman edilýärdi. Muňa Çingiz hanyň Otrar şäherine ýollan 500 adamdan ybarat bolan söwda kerweniniň Türkan hatynyň ene başga dogany Ynaljyk Haýyr han (?-1219 ý.) tarapyndan 499-synyň baş bütin birugsat ýoklanmagy mysal bolup biler.
Soltan sözüň doly manysynda radikal yslamyň howandary we tarapdary bolmak bilen, beýleki dinleri hem-de oňa uýýanlary adam hasabynda görenokdy. Soltan Muhammediň Kaşgaryň we Hotanyň musulmanlaryndan ýüz öwürmegi ýakyn geljekde göýberen uly syýasy ýalňyşy boldy. Muny ilkinji bolup Jelaleddin duýdy hem-de soltana düşündirmek isledi. Emma bir kowçum musulmanyň göwnüne degileni  soltanyň piňine hem däldi.
XIII asyryň birinji çärýeginiň ortalarynda mongollar bilen ilkinji resmi gatnaşyklar ýola goýuldy. Resmi gatnaşyklar esasan söwda ugry boýunça açyldy. Türkmen agaň “pişigiň ýyndamlygy samanhana çenli” pähimi bar. Başlangyjy gowy başlandy. Ilçiler alyşyldy. Sowgat-serpaýlar gönderildi. Emma munuň uzaga çekmejekdigini iki tarap hem bilýärdi. Çingiz han söwda kerwenlerine duwlanyp soltanyň ýerlerine aňtaw iberýärdi. Maglumat toplaýardy. **Bu tejribe biziň wagtymyzda**

**hem ulanylyp gelinýär. Geň hadysa däl!** Muňa garamazdan soltan Muhammet, Jelaleddin hem-de onuň emirleri ýagdaýy doly seljermegi başardylar.

Çingiz han ilçiden soltana niýetlenen dürli gymmatbaha sowgatlar ugradyldy. Mundan başga-da, ýörite nama hem gönderilip, onda şeýle setirler bar: *“Men-Gündogaryň hökümdary, sen bolsa-Günbataryň! Goý biziň aramyzda parahatlylyk we dostluk hakynda berk şertnama bolsun, we iki tarapyň söwdegärleri hem-de kerwenleri gitsinler we gelsinler…”*

Belki Çingiz han ilkibaşda Horezme çozmagy niýet eden hem däldir. Ol günbatara gidýän esasy kerwen ýollarynda gorag nokatlaryny-“garakçylary” (ene dilimizdäki garakçy sözi şu ýerden) gurap, kerwenleriň howpsuzlugyny üpjün edýärdi.

1218-nji ýylyň ahyrynda Gürgenje 450 adamdan ybarat täze söwda kerweni gelýär. Olaryň ýany bilen her mongol taýpasyndan iki-üç täjir geýmine giren aňtawçy goşulýar. Akademik Z.M.Buniýatow şeýle ýazýar: “Biziň çeşmelerimiziň biriniň maglumatynda, bu mongollar ýüz adam boldy. Olar Çingiz hanyň şahsy wekili ilçi Uhun bilen horezmşaha wekilýeti düzdüler. Bu ýüz adamyň söwdadan başga-da horezmşanyň ýerlerinde aňtawçylyk bilen meşgul bolmalydygy bolup biljek hadysadydyr”.

Mundan beýläkki wakalar munuň dogrudugyny tassyklady. Ýöne 1218-nji ýylyň dekabr aýynda türkmen ýygnynyň mongollar bilen ilkinji duşuşugy boldy. Bu, soňy söweşe ýazan duşuşyk Irgiz derýasyndan aňyrdaky Turgaý sährasynda boldy. Merkitleriň göçlerini gyrgyna beren Çingiz hanyň uly ogly Juçy hanyň (?-1227 öl.) baştutanlygyndaky mongollar soltan Muhammet, şazada Jelaleddin hem-de Demir Mälik bilen ýüzbe-ýüz boldular. Türkmen ýygnynyň harby tertipde düzülendigini gören Juçy han, soltana wekil iberip söweşe girmejekdigini aýtdy. Ol “ýok edilen merkitlerden alynan oljalary berjekdigini, Çingiz hanyň hiç-bir ýagdaýda soltanyň esgerleri bilen uruşa girmezligi berk tabşyrandygyny hem ýetirdi”.

Emma kellesi göçen, şol bir wagtyň özünde entek mongol gyljynyň kesgirligini “öz teninde duýmadyk” soltan kesirlik bilen Juçy hana: “Eger-de, Çingiz han saňa meniň bilen

uruşmagy höküm etmedik bolsa, onda beýik Allatagala seniň bilen söweşmegi buýrdy” diýip jogap berýär. Üç güne çeken söweşde türkmenler 20 müňe golaý esgerini ýitirýär. Diňe Jelaleddiniň we Demir Mäligiň harby ukyplary goşunyň tutuşlaýyn gyrylmagyndan halas edýär. Dördülenji gije Juçy han ýuwaşlyk bilen yza çekilip, Çingiz hanyň karargähine gelip, bolan wakalary, şol sanda Jelaleddin Meňburnuň hem-de Demir Mäligiň şahsy gahrymançylygyny gürrüň berýär.
Bu wakalar bolup geçýän wagty ýokarda gürrüňi edilen söwda kerweni Otrar şäherinde goş ýazdyrýar. Bu ýerde olar soltanyň dikmesi Ynaljyk Haýyr han tarapyndan saklanylýar. Ynaljyk Haýyr han-Türkan hatynyň ene başga doganlarynyň biri bolup, ol soltanyň daýysydy. Ol soltana söwdegärleriň hemmesiniň içalydygyny habar berýär. Soltan bolsa diňe tussag edilmelidigini buýurýar. Kerweniň harytlaryny Ynaljyk Haýyr han özüne alýar.
Emma, Çingiz han örän öňden görüji, diňe bir dogumly, zor, edenli hökümdar bolman, onda sabyr-takat bilen mekirlik hem bardy. Ol öz noýonlarynyň, begleriniň derhal Horezme-çeşmelerde ýatlanylyşy ýaly “sartaul halkynyň” üstüne çozmak baradaky talaplaryny ret edip, Gürgenje Ibn Kefrej Bugranyň baştutanlygyna wekilýet ugratdy. Biz bu ýerde onuň soltanyň adyna iberen namasynyň doly ýazgysyny getirip oturmakçy däl. Muny akademik Z.M.Buniýatow amala aşyrypdyr.
Çingiz han öz ilçisiniň üsti bilen Ynaljyk Haýyr hany bermegi, eger şeýle ädim ädilse “uruş howpuna päsgelçilik berip biljekdiklerini”  ýaňzytdy. Emma, soltan örän ters hereket etdi. Ol Haýyr hany bermedi, üstesine-de, söwdegärleriň ýoklanmagyna özüniň perman berendigini aýtdy. Şu ýerde meselä şazada Jelaleddin goşuldy. Ilçi Ibn Kefrej Bugra bilen ikiçäk gürrüňden soň, şazada ilçi bilen mylaýym bolmagy we Haýyr hany mongollara bermegi maslahat berdi. Syrderýanyň kenarlaryndan Şama çenli ýaşaýan musulmanlaryň gyşlaglarynyň abat galjakdygyny aýtdy. Muňa soltan hem düşünmän duranokdy. Ol hem Çingiz handan çekinýärdi, hem Ynaljyk Haýyr hanyň Gürgenç köşgüni möý kerbine öwüren asylzada garyndaşlaryndan çekinýärdi. Asylzada garyndaşlar golaýda, mongollar bolsa

uzakda. Şonuň üçin ol hökmürowan şahslara gelişmeýän gopbamlyk bilen şazadanyň teklibini ret etdi we Çingiz han bilen jedelde meseläni gyljyň çözjekdigini aýtdy. Netijede ilçini we onuň ýaranlaryny jezalandyrdy.

Şeýlelik bilen, soltan Muhammet hiç bir kada-kanuna sygmaýan düýpli syýasy ýalňyşlyk göýberdi. Çingiz han üçin Horezme çozmaga doly ýol açyldy. 1218-nji ýylda Çingiz hanyň Orta Aziýa ýörişine gatnaşan hytaý ruhanysy Ýelýu-Çusaýyň "Günbatara syýahatyň ýazgylary" gündeliginde beýan etmegine görä mongollaryň Horezmşalar döwletine ýörüşiniň sebäbi gürrüňsiz Otraryň (Hua-Tala) dikmesiniň mongol ilçilerini we söwdegärlerini ýoklanmagy boldy Orta asyryň senenamaçylary Çingiz hanyň Horezme ýörüşiniň ýene bir, esasy sebäpleriniň biri hakynda ýaňzydýarlar.

Abbasylar halyfy an-Nasyr soltan Muhammede garşy göreşde mongollary örän mekirlik bilen peýdalanýar. Ol bu tejribäni doly özleşdiripdi. Ozal halyf türkmenlere garşy gurydleri, naýmanlary we garahytaýlylary küşgüripdi. Ibn al-Asyr bu ýagdaýy ilkibaşdan ýazýar: "Yslamyň ýurtlaryna tatarlaryň çozuşyny şeýlede başgaça hem düşündürýärler, ýöne olar hakynda kitaplaryň sahypasynda ýatlamaly däl". Emma beýik taryhçy geçmişiň, gürrüňsiz ilkinji nobatda türkmen halkynyň öňünde bergili galmandyr: "Eger-de, ajamlaryň (arapdälleriň) şoňa (halyf an-Nasyra) aýdýanlary, ýagny hut onuň tatarlaryň musulman halklaryna çozmagyna öjükdürendigi we şu maksat bilen onuň olara wekilleri iberenligi dogry bolsa, onda ol beýik jenaýatdan aşýan iş edipdir"

Taryhçy al-Markizi halyfyň mongollara ugradan namalary hakynda has anyk ýazýar: "Onuň (an-Nasyryň) dolandyran wagtynda tatarlar Gündogaryň ýurtlaryny tozdurdylar. Olar hat-da Hemedana baryp ýetdiler. Munuň sebäbi şulardan ybarat: ol, horezmşanyň ogly soltan Ala ed-Din Muhammetden gorkusyna, haçan-da, ol Bagdady alyp, ony Seljuklaryň wagtyndakysy ýaly öz döwletiniň paýtagtyna öwürmeklige hyýallanynda bu ýurtlara çozmaklyga öjükdirip olara (mongollara-B.A.) ýazdy" diýip, teswirleýär.

Senenamaçy Ibn Wasil hem halyf an-Nasyryň mongol kagany Çingiz

hana ýüzlenmesini ýatlap geçýär: “Haçan-da, horezmşah Bagdada tarap gozgananda, halyf tatarlaryň hökümdary Çingiz hana, ony horezmşanyň ýurduna çozmaklyga öjükdirip ýazdy”. Ýeri gelende aýtsak Ibn Wasiliň maglumatlaryny Abul Fid, Sebt al-Jauzy we Muhammet ibn Hawanşa Mirhond ýaly görnükli taryhçylar hem tassyklaýar. Şu ýerde tebigy sowal ýüze çykýar: bar, musulman halyfy öz tagtyndan gorkup Çingiz hany öjükdirmedik hem bolsa, mongol harasady türkmeniň ýurdunyň üstüne inermidi?!
Çingiz hem-de onuň serkerdeleri döwletiň gowşak taraplaryny mekirlik bilen peýdalanyp bildiler. Çingiz hanyň ýygyny 150-den-250 müň aralygy düzýärdi. Emma Orta Aziýa ýörüşi başlananyndan soň onuň sany soltanyň gullugynda duran garahytaýlylaryň, horasanlylaryň, deýlemitleriň hasabyna köpelipdi. Çingiz han musulman, hristian we butparaz halklardan düzülen täze toparlary ýazak goşun hökmünde ulanýardy.

- **Öz asyrynyň ogly : Jelaleddin Meňburny**

Ýurdy goramaklygyň meselelerine garan ýokary harby mejlisde beýik wezir Şyhab ed-Din Abu Seý’id ibn Imran al-Hywaky soltana hemme goşunlary (400 000) Syrderýanyň kenarynda jemläp, uzak ýoly söküp gelýän mongollaryň üstüne ýyldyrym bolup çozmaklygy teklip etdi. Bu örän paýhasly pikirdi. Emma soltan görnükli ulamany her näçe sylaýan hem bolsa, ret etdi. Şazada Jelaleddin bolsa mongollary Mawerannahra göýbermek, ýerli tebigy-geografiki ýagdaýlary peýdalanyp, kül-peýkun etmekligi maslahat berdi. Jelaleddin öz pikirini duşmany aňyrlygyna Horasana we Yraga göýbermezlik bilen esaslandyrdy. Ýöne soltanyň göýberen strategiki ýalňyşlyklary ýurdy gutulgysyz heläkçilige alyp bardy. Bu bolsa türkmen halkynyň eýýämhaçan şol wagtlarda kämilleşen ykdysadyýetini, sosial ýagdaýyny, orta asyrlaryň ölçeglerine laýyk gelýän medeniýetini we sungatyny tas müň ýyl diýen ýaly yza tesdirdi.
XIII asyryň birinji çärýeginde Çingiz hanyň ordalarynyň Mawerannahra, Horezme, Horasana we Yraga ýörüşleri akademiki neşirlerde belli bir derejede beýan edildi. Mundan başga-da,

çeper edebiýatda hem şöhlelendirildi. Şonuň üçin biz diňe awtoryň gahrymany bilen baglanyşykly taryhy maglumatlary welin seljerip geçmekçi. Sebäbi döwrüň harby-syýasy ýagdaýyna göz ýetirmezden şahsyýetiň taryhy-edebi keşbini doly açmaklyk mümkin däl.

Şonuň üçin wakalara giňişleýin göz ýetirmäge çalyşalyň. Ýokarda hem nygtaýşymyz ýaly Horezmde höküm sürýän ýokary gatlagyň içerki syýasaty düýbünden nädogrydy. Jelaleddin Meňburnuň hem töweregini adalatsyzlyk, ýalançylyk, şugulçylyk, hile-pirim bilen gurşap alýan giňişlikde dünýä inipdi, terbiýe alypdy. Ol durmuş sapagyny soltanyň köşgünde ýeterlik edinipdi. Biziň pikirimizçe ol asuda ýurt-da soltanlyk süren ýagdaýynda neberäniň ozaldan gelýän däplerini üýtgedip bilmezdi. Gadymy oguzlaryň “ýeri daglar saklaýar, däbi ärler” diýen pähiminden ugur alanyňda, Jelaleddin hem şol däplerden-zulum edijilik hökmürowanlykdan belli bir derejede çykyp bilmezdi. Gündogar soltanlarynyň köşgünde öz hususy islegiňe däl-de, töweregiňi gurşap alýan örän täsirli faworitleriň görkezmelerine görä höküm sürülýär. Bu müňýyllyklaryň tassyk edip gelýän tejribesi!

Orta asyryň senenamaçylarynyň teswirlerinde onuň aşa gazaply, ýöne güp ynanjaň bolandygy beýan edilýär. Türkmen taryhçysy Muhammet en-Nesewi şazadany: “Ol, danady, gaharlanmaýardy, käýinmek, sögünmek oňa ýatdy. Ol örän salyhatlydy, hiç-haçan gülmeýärdi, diňe ýylgyryp oňaýýardy. Köp gürlemeýärdi. Ol diýseň adalatlydy, ilaty söýýärdi, emma onuň zamanasy pis bolup, bulagaýlyklaryň, uruş-gowgaň örjelen zamany bolansoň onuň häsiýetine täsirini ýetirdi” diýip, taryplaýar.

Jelaleddiniň gazaplylyk, gyňyrlyk häsiýetleri hudaýyň nazar salan hökmürowanlaryna mahsus bolsa-da, bu ýerde başga bir delili hem ýatdan çykarmalyň. Bu häsiýet onda, öz kakasynyň-soltan Muhammediň gönüden-göni sebäp bolmagy zerarly öz ýurduny goldan gidermeginiň netijesinde döräpdi. Muny senenamaçy şeýle teswirleýär: “Ol raýatlarynyň durmuşyny ýeňilleşdirmegiň aladasy bilen ýaşaýardy, ýöne döwletiň, agyr soltanlygyň synýan pursaty bolanyndan soň güýje daýanyp zorluk etmäge-de mejbur bolupdy”.

Muňa garamazdan Jelaleddin öz asyrynyň ogly bolup galypdy. Ynanjaňlyk! Sadalyk! Bu häsiýetler dili ýasy türkmeniň ganynda millet hökmünde döräp, kemala gelip bar! XX asyrda meşhur şahyrymyz Gurbannazar Ezizow “sadalykdan zyýan çeken ýok” diýip, ýazyp gidipdi. Dogry! Emma, gürrüň XIII asyryň gazaply hakykaty hakynda barýar. Bu ýerde sadalyk, ynanjaňlyk adama ilkinji ýagy (gynansak-da, asyrlar aşsa-da ýagdaý üýtgewsizligine galýar!) bolup durýar. Jelaleddin hem, entek başyna soltanlyk täjini geýmezinden has ozal bu häsiýetlerden ejir çekipdi.
Jelaleddin Meňburny Abbasylar halyfy an-Nasyr bilen arada duşmançylygyň bardygyna garamazdan öz namalaryny kakasy soltan Muhammediň zamanasyndaky ýaly ýazdyrýardy: “Onuň (halyfyň) diýen ediji hyzmatkäri Meňburny, soltan Sanjaryň ogly”. Jelaleddin Meňburnuň namalarynyň towkusy-alamaty: “medet diňe Alladandyr” diýen jümledi.
Soňlugy bilen oňa halyflyk serpaýlary ýapylyp, ara düşen tow birneme gowşandan soň ol halyfa namalarynda: “Onuň (halyfyň) sadyk guly diýip, ýüzlenip başlady. Hususan-da, Jelaleddin Meňburnynyň halyfa ýazan  namalarynda şeýle sözler ýazylýardy: “Aly jenabymyza we howandarmyza, dünýäleriň eýesi Pygamberiň oruntutary, müslimleriň ymamy Emirilmömüne, Maşrygyň we Magrybyň ymamy Lu aýn ibn Galybyň nebereleriniň beýikden-beýik gerşine…”.
Görşümiz ýaly Jelaleddin mömün musulmanlaryň hayfyny hemme derejeler bilen hormatlaýardy. Haçan-da, ol Hindistandan gelen uçurlary halyflyk resminamalarda Jelaleddine “Ulug hormatly aly jenap hakan (al-jenap ar-rafy al-Hakany)” diýip, ýüzlenilýärdi. Emma şol wagtlar ol soltanlyk täjini geýipdi. Şonuň üçin Jelaleddin özüne soltan hökmünde ýüzlenmegini isleýärdi. Muňa garamazdan Lu Aýyn ibn Galybyň nebereleriniň wekilleri-halyflar paýtagtyny, ýurdyny hem-de baýlygyny goldan gideren Jelaleddin Meňburnyny soltan hökmünde onuň ömrüniň ahyryna çenli ykrar etmändiler. Bu ýagdaýdan Jelaledin ruhy ejir çekipdi.
Şeýlelik bilen, soltan Muhammediň görnetin gowşak hereketleri esasynda şäherdir galalar bir monjuga düzülip mongollaryň

goluna geçýär. 1220-nji ýylyň fewralynda Buhara, onuň yz ýany bilen Samarkant weýran edilýär. Şol iki aralykda soltan Muhammet täze goşun jemlemeklige perman berdi. Täze ýygyn derrew toplandy, emma Çingiz hanyň içalylary soltanyň ýurduny taşlap gaçandygy hakynda gürrüň ýaýrartdylar. Ýöne bu gürrüň hakykat bolup çykdy: soltan täze goşunyň gelerine garaşman-Günbatara-Nyşapura, Bistama we Mazenderana (häzirki Eýran Yslam Respublikasynyň territoriýasy) tarap gaçdy.
Şum täleý soltany Hazar deňziniň Aşyr adasyna alyp geldi. Muhammet en-Nesewi muny: “Ol Türkan hatynyň tatarlara ýesir düşendigini eşidip, Jelaleddini we adadaky iki ogly Özleg şa bilen Ak şany ýanyna çagyrýar we şeý diýýär: “Hökümdarlyk owsarymyz ýolnup, döwletiň sütünleri synyp, ýurt çaýkanyp başlady. Duşmanyň matlap-maksady aýan boldy, onuň haram azysy ýurdyň etine, süňküne batdy. Meniň ornuma duşmanlardan ar alyp biljek adam oglum Jelaleddin. Men ony öz ornuma soltan belläp, ikiňiz hem hemme babat-da oňa boýun bolmagyňyzy talap edýärin. Şondan soň ol öz eli bilen Jelaleddiniň biline soltan gylyjyny dakýar…” diýip, ýazýar.
Jelaleddin Meňburny soltanlyk unwanyny alandan soň, kakasynyň-Muhammediň jesediniň galyndylaryny Abeskun adasyndan Ysfyhanda, onuň hatyrasyna gurlan kümmetde (Z.M.Buniýatowda mederse-B.A.) jaýlamaklyk üçin Ardahn galasyna getirmekligi emr etdi. Mürze Muhammet en-Nesewi bu hakynda soltanyň emiri Mukarrab ed-Dine nama taýarlanynda, soltanyň jesediniň galyndylarynyň geçirilmeginde howatyr edýändigini duýdurdy. Ol öz howalasyny mongollaryň meşhur şahsyýetleriň jesetlerini mazarlardan çykaryp otlaýandyklary bilen esaslandyrdy. Mongollar Ardahn galasyny ýumrup, soltan Muhammediň jesedini wagtlaýyn guburdan çykaryp, uzak Garaguruma- Ugedeý kagana (1186-1241 ýý.) ugratdylar. Ol bolsa maçy eşege ýüklenen jesedi şähere aýlamagy, soň bolsa otlamagy buýrdy. Soltan Muhammediň ömri pajygaly gutardy. Ol garahytaýlylaryň ýerlerine, Mawerannahra, Horasana, Ysfyhana, Horezme, Mazenderana, Mekrana, Kermana, Keşe, Gazna, Gura, Bamyýana, Yraga, Otrara, Azerbeýjana, Arrana, Sijistana, Parsa, Tabarystana we Gürgene eýeçilik edipdi. Onuň adyna hutba

Derbendiň we Şirwanyň münberlerinde okalypdy.
Türkan hatynyň ömrüniň soňky pursatlary hakynda durup geçmekçi. Aslynda Türkan hatyn Gürgenjiň goragyny üpjün edip biljekdi. Akademik Z.M.Buniýatowyň teswirlemegine görä Gürgenç mäkäm berkidilendi, ýaşaýjylary edermenlikde hem-de harby tälimlerde tapawutlanýardy. Gürgenjiň diwarlary 1204-nji ýylyň gur soltany Şyhab ed-Din el-Gurynyň dälibaş kürtleriniň öňünde durup bilipdi.
Emma ol düýpleýin ters hereket etdi. Muňa Çingiz hanyň ýörite ugradan wekili Danyşment hajyb (onuň bilen hatynyň adyna nama ugradylyp, onda "Jahan hudabendiniň" eýeçilik edýän ýerlerine degilmejekdigi wada berilýärdi) sebäp boldy. Ikinji sebäp bolsa, soltan Muhammediň Hazar deňzine gaçmagy boldy. Türkan hatyn soltanyň aýallaryny, çagalaryny, hazynany we beýleki gymmatlyklary kerwene mas ýükläp şäherden çykdy. Ýöne, bu, şahsyýeti düýpli seljerilmeli döwlet işgäri ýene bir örän ýalňyşlyk göýberdi. Gürgençden gitmek bilen, Türkan hatyn şäherde amanat saklanylýan 26 şazadany Amyderýanyň däli tolkunlaryna taşlamagy perman berdi.
Türkan hatyn mas ýüklenen kerwen bilen Mazenderanyň Ylal galasynda düşledi. Bu galany mongollar dört aýlap gabadylar. Ahyrsoňy ol mongol serkerdeleri Subudaý we Jebe noýona boýun boldy. Subudaý soltanyň ogullaryny jezalandyryldy.
Baş paýtagt Gürgençde bolsa wakalaryň birentegi bolup geçdi. Türkan hatynyň ýoklugyndan (ol gizlinlikde gaçyp gideninden soň şäher eden-etdilige galdy) peýdalanyp şäherde Aly Kuhy Dargan, müşrif Ymad ed-Din Şerep ed-Din Köpek ýaly hanlar ýüze çykyp ugrady. Olar şäher diwanyndan gelýän girdejini öz gollaryny alyp, göräýmäge tertip-düzgüni ýola goýan ýaly hem etdiler. Emma hakykat ýüzünde "it eýesini, pişik bikesini tanamadyk" döwür başlandy.
Ine, şeýle galagoply ýagdaýda paýtagta soltan Jelaleddin, onuň doganlary-şazadalar Ozlag şa we Ak şa geldiler. Soltanyň hem-de şazadalaryň Gürgenje dolanmagy hakykat-da halky ruhlandyrdy. Şäheriň ilatynda duşmany ýeňip biljekdikleri hakynda ynam döredi. Jelaleddin şazadalaryň ugratmagynda Gürgenjiň mähellelerine, mesjitlerine, medreselerine,

bazarlaryna aýlanyp çykdy: ilat bilen gürrüňdeş boldy, başyndan, maşgalasynyň adyndan duşmanlara garşy iň soňky damja ganyna çenli söweşjekdigine kasam etdi.
Emma merhum soltanyň emirleri, aýratyn-da ozalky mirasdar Ozlagyň tarapdarlary täze soltany duşmançylykly garşy aldylar. Olar Gürgenjiň ilatynyň (ulamalar, täjirler, senetkärler we başg.) garşylyk görkezmegine garamazdan olar Jelaleddini soltan hökmünde ykrar etmediler. Türkmenlere soňky çärýek asyr bäri duşmançylykly we öçli garan uran taýpasy Türkan hatynyň dogany Humar Tegini dabaraly ýagdaýda soltanlyga ykrar etdiler.
Hakyky dildüwşük guraldy. Humar Teginiň, Ogul hajybyň, Şyh hanyň, Är Buga Pälwanyň we Gutly hanyň baştutanlygynda 90 müň gowrak ýygyn toplanyldy. Täze soltana dildüwşük hakynda habar berildi. Ol egindeşi Demir Mäligi pitneçileriň üstüne wekil iberip ýurt gämisiniň gaýly gomlarda çaýkanýan pursatynda agzybir bolmaklyga, jebisligi saklamaklyga çagyrdy. Emma kemandan goýberilen peýkamyň yzyna gaýtmaýşy ýaly, pitneçiler pällerini ýamana düwüpdi. Soltana ýanynyň 300 atlysy hem-de wepaly Demir Mälik bilen Gürgenji taşlap gidäýmäkden başga çäresi galmady.
Soltan Muhammet tarapyndan kanuny taýdan mirasdar hem-de soltan yglan edilen Jelaleddin indi hiç-haçan öz paýtagtyna-Gürgenje gaýdyp barmaz. Öňde diňe ürgün çägeleri tolkunyp ýatan ummana çalymdaş Garagum, ondan aňyrda geçmişde “gatlaklarynda dogan aglan” Köpetdag-Horasan ýurdy ýaýylyp ýatyrdy. Jelaleddin Gürgençde bary-ýogy üç gün bolupdy, atasyndan miras galan köşkdäki tagtda oturmandy. Ol aslynda Gürgenje tagtda gaýşarylyp oturmaga gelmändi: ýurduň, halkyň, galyberse-de maşgalasynyň, Hazaryň adam aýagy basmaýan adasynda gözlerini guş çokalan atasynyň aryny almalydy. Egnindäki agyr ýüki aýyrmalydy. Biziň çuňňur ynanjymyza görä Jelaleddiniň hem ýurduň galagoply wagtynda haremhalarda keýp-sapa çekip ýaşamajakdygy gürrüňsiz. Ol Gürgenje gelen pursatyndan halkyň güzerany bilen tanşyp, bazarlarda kesgitli elýeter nyrhlary talap edip ugrady. Şäheriň ulamalaryndan, derwüşlerinden kakasy Muhammediň däl-de, ýuduň halkyň

agzybirligi, jebisligi, başbütewligi üçin dileg etmekligi haýyş etdi. Hakykatda kezzap emirler dildüwşük gurap, pitne taýynlamadyk bolanlygynda, belki adamzat taryhy başgaça ugur bilen giderdi. Soltan mongollary yzyna serpikdirerdi. Iň bolmanda, olaryň Günbatara ýörişlerine kesgitli ýagdaýda böwet bolardy. Emma ykbal oňa gülüp bakmady. Ol göbek ganynyň daman topragyny taşlamaga mejbur boldy. Hut, şu pursatdan onuň geçmişiň gatlarynda galan "tagtsyz soltan" ömri başlandy.

Soňlugy bilen Gürgenji mongollaryň golaýlandygy hakyndaky habary alan şazadalar Ozlag şa we Ak şa hem terk etdiler.

1221-nji ýylyň başynda soltan Jelaleddin Nusaý şäheriniň golaýynda ilkinji gezek mongollar bilen çaknyşdy. Dogry, olaryň sany kän däldi. Bary-ýogy 700 atlydy. Türkmenler bolsa 300 atlydan ybaratdy. Muňa garamazdan duşman toparyndan aman sypan birnäçe adam boldy. Asly şu şäherli Muhammet en-Nesewiniň teswirleýşi ýaly "musulman gyljy ilkinji ýola duşman ganyna hapalandy. Şol ýylyň fewralynda Jelaleddin Nyşapura gelip düşledi, şu ýerden mongollara garşylyk görkezmek maksady bilen çar ýana çaparlar gönderdi. Emma duşmanlar oňa ýygyn toplamaklyga päsgelçilik döretdiler. Ol mülk şäheri bolan Gazna ugrady. Gandagaryň golaýynda soltana kakasynyň doganoglany Emin el-Mülküň baştutanlygyndaky 10 müň türkmen atlysy goşuldy.

Balh obasynyň golaýynda mongollar bilen ikinji duşuşyk boldy. Soňkylar Gandagaryň gabawy bilen başagaý bolup, türkmen ýygnynyň öz hapa dabanlaryny basandyklaryny hem duýman galdylar. Ganly jeň üç gün dowam etdi. Diňe kowmaga, öldürmäge, zorluga, talamaga endik eden duşman türkmenleri äsgermezçilik bilen garşyladylar. Emma könelerimiziň "duşmanyň peşe bolsa-da, pilçe gör" pähimini ýatdan çykarmaly däl. Derbi-dagyn bolan duşman zut gaçdy. Muhammet en-Nesewiniň sözleri bilen aýtsak Çingiz han öz goşunlarynyň ýeňilendigini eşidip ony "öz egindeşleriniň ýiti gyljyň eti we agsak bürgütleriň iýmiti bolandygy zerarly howsala gurşap aldy".

Gazna gelip düşen soltanyň dergähine halaç toparynyň baştutany Seýf ed-Din Egrek (Egri), Balhyň häkimi Azym Mälik, owgan meýletinçileriniň serdary Muzaffar Mälik we garlyk

türkmenleriniň Hasan serdary geldi. Bularyň hersiniň golastynda 30 müň ýygny bardy. Jelaleddin 60 müň, Emin el-Mülk 40 müň atly jemläpdi. Orta asyryň ýazuw çeşmeleriniň (Muhammet en-Nesewi, Ibn el-Asyr, Bar Ebreý, Reşid ed-Din, Jüzjany we başg.) biragyzdan tassyklamaklaryna görä soltanyň ygytyýarynda 150 müň ýygyn toplanypdy.

Gazna şäheriniň golaýyndaky Perwana etrabynda soltan Jelaleddin mongol serkerdesi Şiki Hutuku noýonyň 45 müňden ybarat goşuny bilen garpyşdy. Söweş iki gün dowam etdi. Senenamaçynyň tassyklaýşy ýaly "Soltanyň özi duşmanyň ýygnynyň dik ortasyna okdurylyp, onuň harby tertibini bozdy. Şiki Hutukuny masgara bolup gaçmaga mejbur etdi. Gazap atyna atlanan Jelaleddin boýun damarlaryny, eginlerini birikýän ýerinden çapyp taşlady". Başgaça bolup bilermi? Duşmanlar kakasyna, doganlaryna, ilen-çalanlaryna, iň esasy-da halkyna hem-de döwletine hunaba baryny ýuwutdurdmadylarmy?!

Perwana söweşi türkmenleriň beýleki türki halklaryň wekilleri bilen bilelikde mongollaryň üstünden gazanylan hakyky hem-de uly ýeňişi boldy. Jelaleddin hakykat ýüzünde mongollaryň ýeňip bolmaýan duşman däldigini subut etdi. Emma ýeňişiň salkyn şemaly uzak ösmedi. Soltanyň emirleriniň arasynda duşman oljasynyň üstünde dawwa turdy. Netijede, halaç, garlyk we owgan toparlary (olar aslynda hem olja üçin urşupdylar) soltanyň towwakgasyna garamazdan esasy goşuny terk etdiler. Bu ýerde Çingiz hanyň şugullary hem mazaly işlediler.

Soňlugy bilen Çingiz han soltany terk eden toparlary (garlyk, halaç, owgan (sadozaý) toparlary aýratynlykda çym-pytrak etdi. Dogry, halaç türkmenleri az sanlydygyna garamazdan Demirgazyk Hindistana aralaşdylar hem-de Deli soltanlygynyň esasyny goýdular.

Şeýlelik bilen, Çingiz hanyň özi soltan bilen darkaş gurmagy müwessa bildi. 1221-nji ýylyň noýabr aýynda Jelaleddin Gardiz şäheriniň (Gaznadan 50 km. gündogarda) golaýynda mongollaryň ýazak (awangard) goşunyny derbi-dagyn edip Sind derýasyna tarap ugrady. Çingiz han lummurdap akyp ýatan derýanyň ýakasynda Jelaleddiniň az sanly ýygny bilen duşuşdy. Bu söweş hakykat-da, şeýle rehimsiz we gazaply boldy, beýleki ýeňişler

onuň ýanynda çaga oýunjagy bolup göründi. Çingiz han soltany diri tutmagy buýrdy. Mongollar onuň daşyna halka bolup, ýuwaşlyk bilen gysyp ugradylar. Soltanyň emirleriniň hemmesi diýen ýaly wepat boldy.
1221-nji ýylyň 25-nji noýabrnda, söweşiň üçülenji gününde Jelaleddiniň 700 atlysy galdy. Ol birnäçe ýerinden ýaralandy. Ahyrsoňy çykalganyň ýokdugyna göz ýetirip, ejesi Aýjäjegi, aýallary we çagalaryny derýa oklamagy buýrdy. Öz permany amal edilenden soň söweş geýimlerini ýeňlenmezden atyny güwläp akýan derýanyň sowuk suwuna urdy. Çingiz han söweşi belent depeden synlap durşuna ogullarynyň islegine garamazdan ýaralanan soltany kowalamagy gadagan etdi. Mongol hany gomlaryň arasynda ýüzýän we gitdigiçe daşlaşýan soltany sag goly bilen görkezip: “Diňe atasynyň şeýle ogly bolmalydyr. Eger-de, ol şeýle söweşden we girdapdan halasgär kenara aman sypyp bilen bolsa, ondan yzyüzülmesiz garşylyk hem-de pitneler garaşýar” diýip, ogullaryna düşnüksiz bolan guwanjyny daşyna çykardy.
Şu pursat-da, Çingiz han Jelaleddiniň öz ogly bolmagyny isledi. Hut şonuň üçin ol ýaraly ýurduny, namysyny goraýan ýaş ýigidi kowalamagy gadagan etdi: “Jeňde ýesir alyp bilmedik bolsaň, ýaraly duşmany, goý ol soltan, goý daýhan bolsun kowalamak mongol däbine girmeýär”. Bu onuň sözleri! Türkmenlerde hem “gaçany kowujy bolma” diýýärler ahyryn. Ol entek hiç-kim tarapyndan sylanmaýan, Temujin adyny göterip ýören wagty nijeme gezek soltanyň gününe düşüpdi. Ajal bilen ýüzbe-ýüz bolupdy. Indi, ol Çingiz han-Deňiz han! Ýöne ýaşlykdan zehini köýdüren ýesirligi, pukaralygy elmydama pederleriniň pähimini, ýörelgesini berk tutmaga mejbur edipdi. Ýöne…Ol Jelaleddiniň Sind derýasyndan ýüzüp geçip, goluna kakasynyň almaz hanjaryny alyp silkelänini gördi. Bu näme bolup biler! Elbet-de, gowy hereket däl. Çingiz han töweregini gallap duran ogullaryna garady. Olar bolsa ýüzlerini pişme ýaly gyzardyp aşak bakdylar. Jagataý han bolsa ahmyrly hyrçyny dişledi. Biziň wagtymyza çenli soltanyň bu geň hereketini orta asyr çeşmeleri, soňlugy bilen alymlar, aýratyn-da ýazyjylar teswirläp geldiler. Şonuň üçin olary gaýtalap oturmagyň hajaty

ýok. Diňe Jelaleddiniň bu hereketi halkymyza-türkmenlere mahsusdygyny welin belläliň.
Sind derýasynyň sag kenaryna soltanyň özünden başga-da emirler Gulbars Bahadyryň, Kabhuhyň we Säd ed-Din Alynyň baştutanlygynda 4000 golaý esgeri aşyp bildi. Çingiz han olary tutmaga Törebeg Dokçynyň we Bala noýonyň 20 müň atlysyny iberdi. Emma mongollar tomsuň jokrama yssysyna çydaman Multandan yzyna dolandylar. Soltan hakykat-da aman sypdy. Ol aç, surnugan az sanly esgerleri hem-de ýakynlary bilen Demirgazyk Hindistanda özüne duşman we öçli ilatyň arasyna düşdi.
Soltan Jelaleddin Meňburnuň ýurdy, halky, ar-namysy üçin uruşlaryň wagtlaýyn hem bolsa soňky nokadynyň goýlandygyna düşündi. Indi, öňde geçilmeli uzak menziller, sergezdançylyk, tükeniksiz ýörişler we söweşler ýatyr. Ol diňe uly, agzybir ýygyn toplap Çingiz han bilen täzeden jeňe girip biler. Dogrusyny aýtsaň ýat ýurtlaryň asmanynda onuň täze ömri, dünýäsi başlandy. Ene Toprak, ýakyn-ýatlar yzda galdy. Kakasy, Muhammet, ejesi Aýjäjek, doganlary Ozlag şa, Ak şa, Gursanjy, Gaýmahy we Ýahýa wepat boldy. Hansoltan, Şahatyn (Ýunus han) ýesirlikde. Töwereginde diňe Kyýaseddin galdy. Senenamaçylar Demir Mäligiň adyny Sind derýasyndan soň ýatlamaýarlar. Diýmek, ol hem soňky söweşde wepat bolandyr. Onuň deregine soltanyň ömrüniň ahyryna çenli ýowuz günde ýoldaş bolan Ur han, Gara Mälik, daýysy Udur han, Muhammet en-Nesewi we başgalaryň atlary tutulýar.
Biz ýazgymyzy jemlemezden ozal soltanyň Demirgazyk Hindistanyň, Ýakyn Gündogaryň şol wagtky rajalary, emirleri bilen eden söweşlerini ýatlamazlygy makul bildik. Aýratyn-da, Jelaleddiniň Kawkaza ýörüşi biziň çuňňur ynanjymyza görä örän anyk seljerilmeli hem-de dogry, ýüz görmezden baha berilmeli meselelerdir. Sebäbi munda halkyň taryhy, şonuň bilen birlikde milli duýgulary ýatyr. Ol milli duýgulara hususy bähbidiňi öňe tutup atanak çekmeklik nädogry bolar.
Akademik Z.M.Buniýatow ýörüte monografiýasynda orta asyr arap-pars çeşmelerine esaslanyp, Jelaleddiniň Kawkaza ýörişi bilen bagly wakalary ýoýman beýan edipdir, bolsa, onda ýazyjy

welin eserine azda-kände öz şahsy duýgudaşlygyny we fantaziýasyny siňdiripdir. Bu başgaça bolup bilmez!

Jelaleddin Kawkazyň halklary bilen ylalaşyga gelmekçidi, umumy garşydaşa-mongollara garşy bilelikde söweşmekçidi. Eger-de, mümkün bolan ýagdaýynda dul şa zenany Rusudan (1194-1245 ýý.) bilen durmuş gurmakçydy. Ol Beýik Tamaryň we Dawut Soslanyň gyzy bolup, ýurduň iň agyr zamanynda dolandyrypdy. Olaryň ikisi-de asylly-şa maşgalasyndan gelip çykan. Ýaş tapawutlary hem uly däl. Aslynda Rusudan bilen goş birikdirmek meselesini soltanyň öňünde dana hem-de öňdengörüji Muhammet en-Nesewi gozgapdy.

Eýýamhaçan seljuk soltanlaryndan bäri hristian (şol sanda katolik-B.A.) dininiň wekilleri bilen gudaçylyk gatnaşyklary dowam edip gelýärdi. Jelaleddiniň meşhur gruzin serkerdeleri-emirsypahsalar Iwana Mhargredzeli, ogly Awag Mhargredzeli, Şalwa Ahalşiheli bilen geçiren gepleşikleri asla ýöne ýere däl. Emma gruzin köşgünde sagdyn paýhasly wezirler bilen bir hatarda, günlerini keýp-sapa bilen geçirýän begzadalar hem bardy. Olar bilen maňlaýlary daşa degýänçä ylalaşyga gelip bolmajakdy. Dogrusy Rusudan bu meselede aýgytly ädimi ätmändi. Eger-de, ylalaşylan halatynda duşmany diňe bir Ýakyn Gündogardan däl, eýsem Orta Aziýadan hem kowup çykaryp boljakdy. Mongollar Kawkaza aýak hem basmazdylar. Şol ýagdaýda taryhyň akymy başgaça giderdi!

Soltan Jelaleddin öz maksadyna ýetip bilmän geçmişiň gatlarynda galdy. Jelaleddiniň soltanlygynyň tutuş 11 ýyly diýen ýaly üznüksiz, surnukdyrjy uruşlar bilen geçdi. Juçy hanyň aýaly Hansoltan öz dogany soltana şeýle mazmunly hama ýazdy: ***“Mongollar seni bihasap arzylaýarlar. Eger-de, hakykat-da hem näletsiňen duşmanlary ýeňip biljegiňe ynamyň bar bolsa, onda ahyryna çenli göreş. Ar gyljyňy poslatma. Eger-de, asgyn gelerin öýdýän bolsaň, onda olar Saňa Syrderýadan bärligine mülk çyzyp berjekler…”***. Jelaleddin bu nama jogap bermedi. Ol näme diýsin! Kemandan göýberilen peýkam yzyna gaýtmaýar. Egniňden egri gyljyňy, boýnuňdan kepeniňi asyp Ugedeý kaganyň dergähine barmaklygyň namartlykdygyna, ýurdy satmaklykdygyna, ol gowy düşünýär. Şonda Jelaleddin geljekki nesilleriň özüniň

ýedi pyşdynda gargaljakdygy hakynda oýlanan bolmaly.
Bu ýerde geňläp oturasy iş ýok. Agyr, bulaşyk zamana doganlary bir-birine duşman edip goýupdy. Jelaleddiniň mongol ordasyna baryp boýun egmejekdigini Hansoltan hem, namany oňa ýazmagy maslahat berenler hem bilýärdi. Biziň pikirimizçe başybozuk örän hilegär türkmen soltanyny gapana düşürmegiň başga ýoly galmanyndan soň bu pirime ýüz urlupdy. Ugedeý kaganyň iki gorkusy bardy: birinjiden, Jelaleddin mongollardan öňürdip tutuş Kawkazy boýun egdirmegi mümkündi, ikinjiden, Rusudan şanyň birden ýeňiji soltan bilen ylalaşyga gelip, birleşen güýçleri eýýäm Töwrüze aýak basan mongollara garşy öwürmegi bolup biljek ýagdaýdy. Emma ýazgytdan gaçyp bolmaýar. Bu oňaýsyz kysmat öwrülişigi!
Soltan wepat bolup, **onuň mazary Siriýanyň Amid şäheriniň golaýyndaky Maýafarkin obasynda** galdy. Amidyň häkimi el-Mülk Müjep’per öz ýurdunda wepat bolan soltany musulmançylygyň hemme dessurlaryny ýerine ýetirip depin kyldy. Ol 1231-nji ýylyň 17-nji awgustynda şehit bolupdy. Haçan-da, çaparlar atlaryny ýüzün salyp Ahlat mäligi el-Aşrafa soltanyň ölümi hakyndaky “hoş habary” alyp gelenlerinde, ol gama batypdy. El-Aşraf ýeňilmezek soltanyň ganym duşmany bolmasa-da, Jelaleddiniň garşysyna söweşe çykypdy. Ol şonda şeýle diýipdi: “Siz meni soltanyň ölümi bilen mübärekleýärsiňizmi! Ol näletsiňen mongollaryň öňünde durup biljek ýeke-täk serkerdedi. Bary gutardy. Indi mongollar hiç-bir tälkewsiz musulman ganyny topraga döker”. Edermenligi, agyzlylygy, baýlygy, sahylygy bilen yslam ymmatynda aşa saýylýan mäligiň soltana beren bahasynda, ony gürrüňsiz sylaýandygynyň alamaty bardy.
Türkmenistanyň Prezidenti Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow bagtyýarlyk zamanamyzda türkmen halkynyň taryhyndaky meşhur şasyýetleri ebedileşdirmekde taýsyz tagallary alyp barýar. Müňýyllyklaryň mermer paýtagty Aşgabadymyzdaky «Ylham» alleýasyna seýile baranyňda kalbyň ajaýyp arzuwlara beslenýär. Biziň çuňňur ynanjymyza görä Jelaleddin Meňburny hem şeýle hormata mynasyp şahsyýet! Eger-de, **onuň geçmişiň gatlaryndaky ededileşdirilen ady heýkele**

**öwrülip, paýtagtymyzyň iň bir görnükli ýerinde oturdylsa türkmen halkynyň taryhynyň ýene-de bir ýola dabaralandygy bolardy**. Eden işleri, gahrymançylyklary müňýyllyklaryň gatlarynda galan eždatlarymyz tirsegine galardy.

Soltan Jelaleddiniň mundan sekiz asyra golaý ýurduny azat etmeklik ugrundaky alyp baran hereketi soňlugy bilen nesilleri tarapyndan dowam etdirildi. Adamzat taryhynyň bütin dowamynda türkmenler halk hökmünde kemala geleninden soň öz erkine, ýerliksiz söweş etmezden beýleki bir halkyň öňünde ýöwsellemän geldi. Şol bir wagtyň özünde ymmatdaş halklary hem betbagt etmedi. Ara düşýän dürli bahanalara esaslanyp malyna hem-de baýlygyna göz gyzdyrmady. Üstüne geleni welin, mert durup, gylyç bilen garşylady.

XVIII-XIX asyrlarda türkmen jemagatynda bitaraplyk meýilleri ýüze çykdy. Muňa garamazdan gyljyny ýalňaçlap gelen ganym duşmany ýyly söz bilen garşy almadylar. Türkmen halky taryhynda bolup geçen dürli uruşlarda özlerini ýanbermez, duşmana ýeňsesini öwürmedik eždatlarymyzyň gaýduwsyzlygy, gaýratlylygy, edermenligi hat-da oňa duşman bolan halklaryň wekillerini haýrana goýdy. Türkmenler alnyp barylan söweşlerde we çaknyşyklarda dürli harby tärler bilen bir hatarda, özlerini dürsemek üçin Hydyr gören Garaguma çekilipdirler. Bu asyrlarda türkmen halkyna Keýmir serdar, Amandöş serdar, Myrat serdar, Aýym beg, Garaoglan han, Oraz serdar, Gowşut han, Täç Gök serdar, Nurberdi han, Amangeldi Gönibek, Orazmämmet han, Berdimyrat han, Öwezmyrat Dykma serdar ýaly gerçekler baştutanlyk edipdiler. Soltan Jelaleddiniň şahsyýeti onuň nesillerinden asyrlar aşyp daşlaşdygyça ol bize şonça-da ýakynlaşýar. Sebäbi ol halkyň hakydasynda öz halkyny goran, döşüni geren gerçek türkmen ýigidi bolup galdy.

Sözümizi jemlemek bilen, soltan Jelaleddin Meňburun Orta Aziýa halklarynyň taryhynda öz yzyny galdyryp gitdi. Munuň sebäbi gaýduwsyz türkmen soltany we serkerdesi Jelaleddin Meňburnuň mongol basybalyjylaryna garşy alyp baran söweşleri ilkinji nobatda goňşy halklaryň, galyberse-de tutuş sebitiň halklarynyň azatlygyna, parahat ýaşaýşyna bagyşlanandyr. Şonuň üçin biziň günlerimizde goňşy halklaryň hem birnäçesi türkmen

gerçegini ýokary derejede sylap, köňül hoşallyklarynyň nyşany hökmünde özleriniň döwletlerinde onuň adyny ebedileşdirýärler, heýkelini dikeldýärler. Munuň özi elmydama parahat durmuş ugrunda göreşen Jelaleddin Türkmeniň şöhratly adynyň häzirki döwürde-de halklaryň dostlukly gatnaşyklaryny pugtalandyrmaga oňyn täsirini ýetirýändigine şaýatlyk edýär.

Soňy.

Bäşim ANNAGURBANOW,
arheolog. Taryhy şahslar